# Kemalyma…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kemalyma…

KEMALYMA

Gujagymdan sogrup akja balamy,
Pelek meni goýanynda armana.
Köşegin aldyryp,süýdün seçelän,
Akmaýa deý,küýüm gitdi asmana.

Ummanlary baglan älemgoşardan,
Şonda hakydamda sallançak asdym.
Onda üwräp gaýypdaky balamy,
Hemişe hyýalda bagryma basdym.

Aýdyp ýetişmedik hüwdülerimi,
Ýolladym sabanyň sergin ýelinden.
Güneşiň çogundan mähir ýolladym,
Pelek sowursa-da ony elimden.

Hüwdülermi ýelden ýollan ýerimden,
Ahyr bir gün oňa sary uçaryn.
Şonda uçgunjygmy hyýalda däl-de,
Hakykat ýurdunda gujak açaryn.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA.

Goşgular